# Direktoryñ bilmeýän zady / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Direktoryñ bilmeýän zady / gysga ýumor DIREKTORYÑ BILMEÝÄN ZADY

Direktor meni güler ýüz bilen garşylady.
– Bo-how, habarçy! Gel, gel, geç bärräk! Men sizi örän sylaýandyryn! Geç, otur.
Direktoryñ kabinetinde at çapybermelidi. Kabinetiñ içindäki stol-stullaram, kürsülerem, şkaflaram añrybaşydy. Dogrusy, kabinetiñ eýesem adam gören ýalydy.
Sekretar gelin kofedir delje şokolad getirdi. Elbetde, sekretar gelniñ özem agyz suwardarça bardy.
Men jübimden depderçämi çykardym. Edil şol wagtam telefon jyrlady.
– Bagyşlañ, men häzir – diýip, direktor trubkany göterdi. – Bow, Boris, bu senmi? Haçan ugraýañ? Sofiýadan Frankfurta gitjek üçin iñ gowy reýs-ä 18:21-däkidir-le. Frankfurtda iki gün bolýañmy? Onsoñ nirä? Hä. Amsterdam… Onda näme «Luftgansa» kompaniýasynyñ «Boinginde» uçmagy maslagat berýän, örän rahat reýsdir: özem o samolýot 11.10-da uçýandyr. Amsterdam diýsene. Şäherjandyr-la. Demirgazyk Wenesiýa. Aeroportdan göni «Silendid» myhmanhanasyna bargyn, şäheriñ merkezindedir. Duranja bir jennetdir! Ýeri, dil bilmäñde näme! Menem bilemok şony. Dilsiz başyñy çaramany oñarmaly. Amsterdamda bir hepde dagy bol. O taýda señ maşynyña-da islän zapas şaýyñy taparsyñ. Hä, seeking «Pežodyr-ow». Onda iñ gowusy gerek şaýyñy Parižden gözle. Parixe her hün bir topar reýs bardyr. «Er frans» kompaniýasynyñ samolýotunda uçsañ gowy bor. O samolýot Amsterdamdan 10:53-de uçýandyr. Gowy, rahat reýsdir. Günorta naharynam samolýotda edinersiñ. Fransuz tagamlary kemje-kerdem däldir!.. Özüñ bilýäñ: Pariž – hemişe Pariž! Göreñokmy? Hökman görgün. Ýöne Ýeliseý meýdanyndaky gymmatçyl magazinlerden zat

alyjy bolaýma. Çeträkdäki magazinlerde hemme zat arzandyr. Men Parižde köp ýer görendirin, bäş barmagym ýaly bilýän. Ondanam Madrid uçaýsañ-a gaty ajap bordy, iki ädim-ä. 8:30-da uçýam samolýota münseñ, onlarda eýýäm şo taýda bolýañ. Hä?.. Haýp! Ispaniýa göreniñe degýän ýer. Hawa. Komandirowla möhletlerem barha azalyp barýar-da… Etjek alajyñ ýok. Bolýa, bolýa… Hoş wagtyñ! Ýoluñ ak bolsun…
Direktor trubkany goýdy.
Men depderçämi açdym, biz tygşytlylyk hakynda gürleşdik. Soñra men ondan tabynlygyndaky zawodyñ nirede ýerleşýänini hem-de oña nädip baryp boljagyny soradym.
– Gaty daş-a bolmaly däl, şäheriñ daşynda bolmaly- diýip, direktor pikire batdy. – Bee, ýogsa-da, şoña nädip, haýsy ýoldan barylýarka? – Ol ýeñsesini gaşady. Aljyrap ötünç sorady. Ýöne zawodyñ nirede ýerleşýänini, oña nädip barmalydygyny welin aýdyp bilmedi.

Mihail WEŞIM,
(Bolgariýa).

«Edebiýat we sungat» gazeti, dekabr 1986 ý. Satiriki hekaýalar